# Syýa zülplim, söwer ýarym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Syýa zülplim, söwer ýarym SYÝA ZÜLPLIM, SÖWER ÝARYM

Bagtym, arman içre küle dönmänkä,
Syýa zülplim, diñ salarmyñ kalp zarym?
Dirilik çyragym heniz sönmänkä,
Bir pursat halymy sorarmyñ ýarym?

Inçe bil, gara göz, ömrüme many,
Gynama aşygyñ, köýdürip jany,
Senden özge gara gaşy kemany,
Agtarmak islemen, ah, intizarym.

Nägile bolmaryn zynhar özümden,
Gaýtmaryn lebzimden, söýgi sözümden,
Döreden yşk içre azap közüñden,
Ýansa hem ýüregim, gereksiñ barym.

Şirnazar diýr, bu gün gama batyp men,
Dertden halas eýle, melegim gel sen,
Ömrümiñ iñ soñky pursadyna çen,
Wysalyñ arzuwlap gezerin ýarym.

Şirnazar TAGANOW Goşgular